Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## *b) IŞLIK ZAMANLARY*

## *I. GELJEK ZAMAN IŞLIGI*

**515-nji gönükme**. Okaň. Sözlemleriň habaryny tapyň we oňa sorag beriň. Habaryň haýsy wagtda bolmaly wakany aňladýandygyny aýdyň.

Ertir ýaryş boljak. Men hem ýüz metr aralyga bolan ýaryşa gatnaşjak. Ýaryş irden başlanar. Şonuň üçinem men ir bilen turaryn. Ýaryşdan soň bagşylar aýdym aýdarlar, tanşçylar tans ederler.

Işiň, gymyldy-hereketiň geplenip durlan wagtdan soň boljakdygyny aňladýan işliklere geljek zaman işlikleri diýilýär.

Ol näme etjek?, näme etjekler?, näme eder?, näme ederler? diýen soraglara jogap bolýar.

Geljek zaman işligi 2 topara bölünýär:

**a) mälim geljek zaman** (aljak, görjek); goşulmasy; -jak -jek,

**b) nämälim geljek zaman** (alar, görer); goşulmasy: -ar, -er.

**516-nji gönükme**.Göçüriň. Mälim we nämälim geljek zaman işlikleriniň manysyny deňeşdiriň. Olara näme üçin mälim geljek zaman hem-de nämälim geljek zaman işligi diýlendigini pikir ýöretme esasynda düşündirmäge çalşyň.

1. Men ertir hökmän futbol pökgüsini almaga gitjek.

--Sen kino gitjekmi?

--Hawa, gitjek.

Men dostumy müzeýe äkitjek.

2. Şu gün, belki, kakam geler.

--Kakam maňa täze portfel getirermikä?

--Getirer.

Men jigimi bir gün haly muzeýine äkiderin.

Turkmenkitap.com

Mälim geljek zaman işligi geljekde hökman boljak, bolakdygy belli, mälim işi, gymyldy-hereketi aňladýar. Şonuň  üçin oňa mälim geljek zaman işligi diýilýär.

Nämälim geljek zaman Işligi geljekde bolmagy mümkin işi, gymyldy-hereketi aňladýar. Şonuň  üçin oňa nämälim geljek zaman işligi diýilýär.

**517-nji gönükme**. Aşakdaky üç abzasda berlen sözlemleri ünsli okaň. Nämälim geljek zaman işliginiň nähili manylarynyň bardygyny aýtmaga çalşyň.

Ertir howa salkyn bolar. Men, belki, dostumyň ýanyna giderin. Dostum menden düýnki filmiň nähili bolup tamamlanandygyny sorar.

Men ertir bäşlik alaryn. Kakamyň doglan gününe sowgat ederin, indi men okuwdan çykanymda, hiç ýere sowulman, göni öýe giderin. Men her gün sapaklaryma taýýarlanaryn.

Iki bilen ikini goşsaň, dört bolar. Gyş geçer, ýaz geler. Okuwa yhlas bilen ýapyşarlar.

Okan il ozar, okamadyk il tozar (Nakyl).

Nämälim geljek zaman işliginiň üç hili manysy bolýar:

**1)**bolmagy mümkin bolan işi, gymyldy-hereketi çak etmek (salkyn bolar, dostumyň ýanyna giderin we ş.m.).

**2)**edilmegi berk ýürege düwlen, niýet edilen, gymyldy-hereket (sowgat ederin, göni öýe giderin...);

**3)**durmuşda,tebigatda adaty bolup durýan gymyldy-hereketler (iki ikiň dört bolar, gyşdan soň ýaz geler...).

**518-nji gönükme**. Düýp işliklerden mälim we nämälim geljek zaman şekillerini hasyl ediň. Soňra olary ulanyp, sözlemler düzüň.

başla-, gör-, doka-, oýlan-.

* * * *

**519-nji gönükme**. Düýp işlikleri nämälim geljek zaman şekilinde goýup göçüriň.

Işle-, ele-, düzle-, diňle-, bölekle-, derle-, küdele-, hödürle-, ejizle-, gönüle-, müňle-, üfle-.

**ÝUMUŞ:**

*Küdelemek, hödürlemek, müňlemek* sözleriniň manysyny düsündiriň.

* * * *

Turkmenhur.com

**520-nji gönükme**. Düýp işlikleri nämälim geljek zaman şekilinde goýup göçüriň.

Dara-, sora-, gara-, sara-, ýara-, çara-, barla-, taşla-, nagyşla-, aňla-.

**Çaramak** sözüniň manysyny düsündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.

Soňy e sesi bilen gutarýan düýp işliklere nämälim geljek zamanyň -er goşulmasy goşulanda, iki sany e sesi birleşip uzalýar we ä sesine geçýär.

**Meselem:**

işle+er=iş-leer däl-de, işlär; gönüle+er=gönüleer däl-de, gönülär we ş.m.

Soňy a sesi bilen gutarýan düýp işliklere nämälim geljek zamanyň -ar goşulmasy goşulanda, iki sany a sesi birleşip uzalýar.

**Meselem:** barla-ar =barla:r; nagyş-la+ar=nagyşla:r.

**521-nji gönükme**. Düýp işlikleri nämälim geljek zaman şekilinde goýup göçüriň.

Et-, git-, aýt-, gaýt-, öýt-, ýatlat-, howluk-, daryk-, gijik-, birik-, janyk-, gönük.

Soňy k, t sesleri bilen gutarýan düýp işliklere çekimli bilen başlanýan goşulma goşulsa, dymyklar açyk g, d seslerine öwrülýär.

**Meselem:** et-eder, birik-biriger, gaýt-gaýdar.

**522-nji gönükme**. Özüňizden soňy e sesine gutarýan üç sany, a sesine gutarýan üç sany, k, t sesleriňe gutárýan üç sany düýp işlik tapyp, nämälim geljek zaman şekilinde depderiňize ýazyň.

* * * *

**523-nji gönükme**. Nämälim geljek zaman işliginiň ýöňkeme bilen üýtgeýşiniň nusgasyny göçüriň we öwreniň.

| *Ýöňkemeler.* | *Birligi.* | *Köplügi.* |
|---|---|---|
| 1-nji | alar+yn, görer+in | alar+ys, görer+is |
| 2-nji | alar+syň, görer+siň | alar+syňyz,görer+siňiz |
| 3-nji | alar, görer | alar(lar), görer(ler) |

## ÝUMUŞ

Nämälim geljek zaman işliginiň ýöňkeme goşulmalaryny aýratyn sütünde ýazyň.

* * * *

**524-nji gönükme**. Mälim geljek zaman işliginiň ýöňkeme bilen üýtgeýşiniň nusgasyny göçüriň we öwreniň.

| *Ýöňkeme* | *Birlik* | *Köplük* |
|---|---|---|
| 1 -nji | aljak, görjek | aljak, görjek |
| 2-nji | aljak, görjek | aljak, görjek |
| 3-nji | aljak, görjek | aljak(lar), görjek(ler) |

**ÝUMUŞ:**

Ýöňkemelerde üýtgedilen işlikleriň öňüne degişli at çalyşmasyny goýup, ýatdan aýdyp görüň.

**525-nji gönükme**. Geljek zaman işliginiň ýokluk şekiliniň ýöňkeme bilen üýtgeýşiniň nusgasyny göçüriň.

| *Ýöňkeme* | *Mälim geljek zaman* | | *Nämälim geljek zaman* | |
|---|---|---|---|---|
| | Birligi | Köplügi | Birligi | Köplügi |
| 1-nji | aljak däl<br>görjek däl | aljak däl<br>görjek däl | al+ma(a)r+yn<br>gör+me+(e)r+in | al+ma+(a)r+ys<br>gör+me+(e)r+is |
| 2-nji | aljak däl<br>görjek däl | aljak däl<br>görjek däl | al+ma+(a)r+syň<br>gör+me-(e)r-siň | al+ma+(a)r+syňyz<br>gör+me+(e)r+siňiz |
| 3-nji | aljak däl<br>görjek däl | aljak däl(ler)<br>görjek däl(ler) | al+ma+(a)z<br>gör+me+(e)z | al+ma+(a)z+(lar)<br>gör+me+(e)z+(ler) |

**ÝUMUŞLAR:**

1.Mälim geljek zamanyň ýokluk şekilindäki işlikleriň öňüne degişli at çalyşmasyny goýup, ýatdan aýdyp görürň.

2. 3-nji ýoňkemäniň birliginde we köplüginde bolup geçýän ses üýtgeşmesine üns beriň.

Nämälim geljek zaman işligine **-ma, -me** ýokluk goulmasy goşulanda, **-ar, -er** zaman goşulmasyndaky r sesi z sesine geçýär: geçer-geçmez, açar-açmaz we ş.m.

**526-nji gönükme**.Düýp işlikleri mälim we nämälim geljek zaman şekilinde goýup ýazyň. Soňra olary ýöňkemäniň barlygynda (birlik we köplük sanda) hem ýoklugynda (birlik we köplük sanda) üýtgediň.

Düýrle-, tasla-, tüýt-.

* * * *

**527-nji gönükme**. Köp nokatlara derek biriniň adyny ýa at çalyşmalaryny hem-de mälim geljek zaman işliklerini goýup göçüriň.

1. ... babamlara ... .

2. ... ertir bazara...

3. ... kitaphana ...?

Turkmenkultur.com

4. ... ol ýere ... .

5. ... okuwdan gijä... .

6. ... ýene birnäçe günden tigir ....

**NUSGA:** Men babamlara gitjek. Oraz ertir hazara gitjek...

* * * *

**528-nji gönükme**. Köp nokatlara derek mälim we nämälim geljek zaman işliklerini goýup göçüriň.

1. Men şu gün hökmän başlik... .

2. Belki dostumdan hat ... .

3. Ertir howa maýyl ... .

4. Bäş bilen bäşi goşsaň on ... .

5. Sen şu wagt nirä ... .

6. Hekim ertir ....

* * * *

**529-nji gönükme**. Köp nokatlara derek mälim we nämälim geljek zamanyň ýokluk şekilini goýup göçüriň.

1. Men-ä şu gün stadiona...

2. Olar biziň teklibimizi kabul... .

3. Filme tomaşa etjek bolsak, pälwanlaryň ýaryşyna gidip... .

4. Biz pes baha... .

5. Sen oba... .

* * * *

**530-nji gönükme**. Dynç güni näme işlärin diýen temada gysgajyk hekaýa (8—10 sözlem) düzüň. Onda geljek zaman işligini ulanyň. Hekaýany şeýle başlamak bolar.

Dynç güni men öňki turýan wagtym turaryn...

Turkmenkultur.com